Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

I. A. Mannopowa, R. A. Mawlanowa,
N. R. Ibragimowa

# TEHNOLOGIÝA

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
4-nji synpy üçin derslik

Gaýtadan işlenen we doldurylan
ikinji neşir

Özbegistan Respublikasynyň
Halk bilimi ministrligi tarapyndan
tassyklanan

**«O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi»**
Döwlet ylmy neşirýaty
Daşkent – 2017

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**UO‘T: 37.035.3=512.164(075.2)**
**KBT: 74.263ya71**
**M-23**

**Syn ýazanlar:**

**Z. Şamsiýewa** – Respublikan tälim merkeziniň bölüm başlygy;
**M. Polatowa** – Daşkent şäherindäki 144-nji mekdebiň tehnologiýa okuwy mugallymy;
**D. Karimowa** – Buhara şäherindäki 18-nji mekdebiň tehnologiýa okuwy mugallymy.

## ŞERTLI BELGILER:

 – ägä boluň;

 – toparda işlemek;

 – özbaşdak iş;

 – gaýtalamak;

 – soraglar we ýumuşlar;

 – ýatda saklaň.

**Mannopowa I.**
**M-23** **Tehnologiýa:** 4-nji synp üçin derslik / I. Mannopowa, R. Mawlanowa, N. Ibragimowa. – Daşkent: «O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi» Döwlet ylmy neşirýaty, 2017. –112 sah.

**UO‘T: 37.035.3=512.164(075.2)**
**KBT: 74.263ya71**

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

**ISBN978-9943-07-485-9**

© **I. Mannopowa we başg**., 2015, 2017.
© **«O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi»** Döwlet ylmy neşirýaty, 2015, 2017.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GIRIŞ

**Hormatly okuwçy!**

Siz “Tehnologiýa” dersliginiň kömeginde aşaky synplarda alan bilimleri, endikleri we başarnyklary berkitmek bilen dürli materiallardan has-da owadan zatlar, oýnawaçlar, modeller ýasamak tehnologiýasyny öwrenýärsiňiz, hünärment ussalaryň zat ýasaýan usullary bilen tanyşarsyňyz.

Derslikde berlen ýumuşlary ýerine ýetirmek netijesinde maglumatlary gözlemegi, ýerine ýetirmek tertibini ýada salmagy, maglumatlardan peýdalanmagy, özara synpdaşlar we ulular bilen gepleşmegi we birek-birege kömek etmegi, ylalaşyp işlemegi öwrenýärsiňiz.

Derslik size owadan zatlary we ajaýyp sowgatlary özbaşdak ýasamakda ýakyndan kömek eder. Olary ata-eneňize, jigileriňize, dostlaryňyza sowgat etseňiz hoşal bolarlar.

Derslikde işi ýerine ýetirmegiň tertibi we onuň basgançaklary beýan edilen. Berlen nusgalary gözden geçiriň, suratlary we çyzgylary öwreniň, ýerine ýetirende aşakdaky soraglara jogap bermäge çalyşyň.



1. Zadyň adyny we onuň nirede ulanylýandygyny aýdyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. Zatlar nähili materiallardan ýasalan?

3. Şu materialy başga zat ýasamakda ulanmak mümkinmi?

4. Zadyň böleklerini nähili kesgitlemek mümkin?

5. Zadyň böleklerini taýýar zatdan nähili tapawutlandyrmak mümkin?

6. Zatlara şekil bermek mümkinmi? Nähili?

7. Zatlary nähili ýollar bilen birikdirmek mümkin?

8. Goşmaça bezeg bermek talap edilýärmi? Nähili? Nähili ýerine ýetirmek mümkin?

**Daş-töweregimizdäki tehnologik proses**

Gadym zamanlardan bäri adamlar gündelik durmuşda her hili zatlardan peýdalanypdyrlar. Adam ýuwaş-ýuwaşdan suw saklamakda ulanylýan küýzelere, otagy yşyklandyrmak üçin zerur bolan şemdanlara, naharlanmak üçin gerek bolan gap-çanaklara bezeg berip başlapdyr. Ilki gödek gap-çanaklar, küýzeler we humlar döredilen bolsa, wagtyň geçmegi bilen bu zatlar näzik, ýeňil, gözel we nepis şekillere getirilipdir. Soňky ýüz ýylyň içinde adamlaryň gündelik zähmetini ýeňilleşdirýän örän köp hojalyk esbaplarynyň gurluşyna özgertme girizildi. Bu girizilen özgerişler tehnologik prosesler arkaly amala aşyryldy.

**Tehnologiýa** – (grekçe, **techne** – ussatlyk, sungat, **logos** – taglymat) çig mallara we materiallara degişli önümçilik gurallarynyň kömeginde işläp bejermegiň ýollary baradaky ylym.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Zatlary ýasamagyň tehnologiýasy aşakdaky bäş sany basgançak boýunça ýerine ýetirmek prosesinde amala aşyrylýar.



**Birinji basgançag**a taglym diýilýär. Munda nähili zat ýasamalydygy çözülýär.

**Ikinji basgançak**da zady ýasamak meýilnamasy işlenip çykylýar. Zadyň bölekleriniň çyzgysy taýýarlanýar.



**Üçünji basgançak**da zadyň görnüşi çyzylýar. Zady nähili usullarda ýasamak oýlanyp görülýär, taslamasy çyzylýar. Gerekli materiallar saýlanýar.



**Dördünji basgançak**da zat taýýarlanýar we bezeg berilýär.

**Bäşinji basgançak**da zada oňat hilli çykanyna garap baha berilýär.

Tehnologiýada her bir proses üç basgançakda: taýýarlyk, esasy we jemleýji basgançaklara bölünýär.

Taýýarlyk basgançagynda: iş ýeri, gerekli materiallar we esbaplar taýýarlanýar.

Esasy basgançakda iş ýerine ýetirilýär.

Jemleýji basgançakda iş ýeri tertibe getirilýär we işiň netijesi bahalanýar.

Meselem, eneňiz üçin ýadygärlik sowgat taýýarlamakçysyňyz. Munuň üçin sowgat taýýarlamagyň tehnologiýasyny işläp taýýarlamalysyňyz.

*Birinji basgançakda* nähili sowgat taýýarlamak üçin aşakdaky soraglara jogap tapmalysyňyz.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Nähili zatlary ýasamagy bilýärsiňiz? Ýasamak üçin gerekli esbaplar we materiallar barmy? Bu materiallardan we esbaplardan nähili zatlar ýasamak mümkin? Näme ýasamak mümkin däl? Sebäp nämede?







*Ikinji basgançak* – gutlag haty ýasamagyň meýilnamasyny işläp taýýarlaýarsyňyz.

Munuň üçin özboluşly gutlag haty ýasamak barada pikirleniň. Berlen suratlar size gutlag haty ýasamakda ýol görkezýär. Haýsy surat ýakan bolsa şony seçip alyň ýa-da özüňiz oýlap tapyň.

*Üçünji basgançak* – gutlag hatyny yzygiderlikde taýýarlamak meýilnamasyny işläp taýýarlaň. Suratda dogry ýerine ýetirmegiň tertibini görkeziň. Gutlag haty ýasamak prosesiniň tertibini okaň. Öz eden işiňiz bilen deňeşdiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. Gutlag hatynyň esasyny taýýarlaň.
2. Applikasiýa üçin gül böleklerini gyrkyň.
3. Uly bölegine ýapyşdyryň.
4. Kiçi bölekleri ýapyşdyryň.






*Dördünji basgançak* – gerekli material we esbaplary saýlaň. Iş ýerini taýýarlaň. Özüňiz düzen meýilnama esasynda gutlag haty taýýarlaň. Iş ýeriňizi tertibe salyň.

*Bäşinji basgançak* – işe baha beriň. Gutlag hatyny alyp gözden geçiriň. Size ýakdymy? Applikasiýa üçin taýýarlan şekiller dogry, tekiz gyrkylypdyrmy? Dogry ýapyşdyrylypmy? Ýoldaşlaryňyza görkeziň we bilelikde baha beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## ESBAPLAR WE GURLUŞLAR

Suratda nähili esbaplar we gurluşlar görkezilen? Olar nähili atlandyrylýar we näme maksatda ulanylýar? Haýsy esbap size nätanyş?



## MATERIALLAR

Şu okuw ýylynda Size tehnologiýa derslerinde meşgullanmak üçin aşakdaky materiallar gerek bolýar. Olardan käbirleri Size aşak synplardan gowy tanyş. Bu ýerde Siz birinji gezek görýän materialy aýdyň we zähmet howpsuzlygy kadalaryny berjaý ediň.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Iş prosesinde howpsuzlyk kadalaryny berjaý ediň!**

1) iş ýerini dogry guraň;
2) iş ýerini arassa we tertipli saklaň;
3) mugallymy üns bilen diňläň we görkezmelerini ýerine ýetiriň;
4) esbaplardan mugallym görkezişi ýaly peýdalanyň;
5) esbaplardan diňe bellenilen iş prosesinde peýdalanyň;
6) bizi we gaýçyny el bilen tutulýan tarapyndan, sirkuly bolsa baş tarapy bilen uzadyň;
7) sanjylýan esbaplary aýratyn daşlykda saklaň;
8) iş wagtynda ünsüňizi bölmäň, ýoldaşyňyza päsgel bermäň.

## Bilimiňizi synap görüň

**1. Gaýçyny başga birine nähili uzatmaly?**
a) halka tarapy bilen;
b) halka tarapyny özüňize garadyp;
ç) aýak aşagyna taşlamaly;
d) açyk halatynda.

**2. Ýelim bilen işläp bolansoň, çotgany näme etmeli?**
a) suw bilen ýuwmaly;
b) suw bilen sabynlap ýuwmaly;
ç) taşlap goýbermeli;
d) guratmaly.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# KAGYZY EPLEMEGIŇ USULLARY

**Origami** – kagyzy eplemek ýoly bilen şekil ýasamak sungatydyr. Ýasalan şekilleri öz ýerine ýerleşdirmek arkaly dürli görnüşleri almak mümkin. Munuň üçin ýörite belgileri bilmelisiňiz. Şu belgiler bilen tanyşyň, ýadyňyzda saklaň hem-de ýasamaga synanyşyň.

## ÇYZYK WE GÖRKEZIJILER

| Teswir | Şertli belgiler | Mysallar |
|---|---|---|
|  | Çyzyk depe bölekdäki burçy özüňiz tarapa epleme-lidigini görkezýär. |  |
|  | Şu çyzyk bolsa kagyzyň ýokarky bölegini aşak tarapa eplemelidigini aňladýar. |  |
|  | Şu çyzykly görkeziji kagyzy iki eplänsoň, şol ýerini dogurlamaly we şu bölekde çyzyk almaly diýildigidir. |  |
|  | Bu göni çyzyk eplenen ýerde çyzyk emele gelendigini görkezýär. |  |
|  | Iň soňky şertli belgi bolsa göze görünmeýän çyzyk hasaplanýar. |  |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## KESGITLEÝJI BELGILER




Nokatlary bir-birine baglamalydygyny aňladýar.



Arasyny açmalydygyny aňladýar.

### Şekiller bilen işlemek





Şekili 180 gradusa öwür melidigini yşarat edýär.



Şekili arka tarapa öwür melidigini anyklap berýär.

### Bilelikde amala aşyrylýan işler



Gat-gat edip eplemek.





Ýerine ýetirilýän işi birnäçe gezek gaýtalamak.





Oramak.



Birnäçe gezek goýmak.



Almak, açmak, towlap çykarmak we ýaýmak.



Bir-biriniň içine girizmek.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## GÜJÜK ÝASAMAK

Güjük ýasamakda origami usulyndan peýdalanyň. Belgilere üns beriň.




**Ýumuş.** Kinolog käri barada maglumat toplaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýumuş** (özbaşdak ýerine ýetirmek üçin). Surata üns bilen garaň we horazyň şekilini ýasaň.











*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# KAGYZDAN ÇAPYŞYK AWTOMOBILINIŇ MODELINI ÝASAMAK




Gönüburçluk kagyzy uzynlygyna iki epläp, ýokarky tarapynyň ujuny aşak garadyp epleýäris we açýarys. Aşaky tarapynyň ujy bilen hem edil şu prosesi gaýtalaýarys.




Netijede eplenen ýerde çyzyklaryň yzy emele gelýär. Şu prosesi ikinji tarap bilen hem ýerine ýetirýäris.




Eplenen çyzygyň yzlaryndan gapdal tarapyny merkezine garap suratda görkezilişi ýaly epleýäris. Ikinji tarapyny hem şeýle epleýäris. Netijede ok atýan mergene meňzeýän şekil emele geldi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Emele gelen mergeniň şekilini ýokary göterip, onuň gapdal taraplaryny içerik garadyp epleýäris. Şonda sizde suratda görkezilen ýaly şekil emele gelmeli.



Taýýarlanan modelimiziň bir tarapyny alyp, ondan maşynyň öň tarapyny ýasaýarys. Munuň üçin emele gelen birinji mergenimiziň iki tarapyny suratda görkezilişi ýaly orta garap epleýäris.



Ikinji emele gelen mergenimizi surata garap ortasyn-dan epleýäris.

Birinji mergenimize ikinji mergenimiziň uçlaryny ýerleşdirýäris. Indi arka tarapyny suratda görkezilişi ýaly epleýäris.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## TEBIGY MATERIALLARDAN APPLIKASIÝA USULYNDA GÜL ÝASAMAK

Döredijilik etmek üçin tebigat bize reňbe-reň materiallary eçilýär. Olar her hili şekilde bolmak bilen çäklenmän, tebigatyň özi bize olardan nämeleri ýasamak mümkinligini hem görkezip durýar. Hany, aýdyň, aşakdaky teswirlerde nähili tebigy materiallardan peýdalanylypdyr?















*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýasalan haýsy zat size köpräk ýakdy? Siziň özüňiz hem şeýle zady ýasap bilersiňiz. Munuň üçin gerekli materiallary taýýarlap alyň. Tebigy materiallar nähili taýýarlanýar? Ýadyňyza salyň.

Gül ýasamak üçin ýerine ýetirilýän işleriň yzygiderligini belgiläp alyň we işi başlaň.

Gawun, kädi, garpyz hem-de miwe tohumlary tebigy serişdelere degişlidir. Gül ýasamak üçin Size, şonuň ýaly-da, kagyz bilen gaýçy, ýelim, plastilin, dürli agajyň ýapraklary, guaş boýagy we çotga gerek bolýar.




Suratda görkezilişi ýaly, kagyzdan diametri 2 sm- lik tegelek gyrkyp alyň we oňa 5 sany şetdaly şänigini ýapyşdyryň.

Şeýle taýýarlanan iki şekili kagyz tarapy bilen bir-birine ýapyşdyryň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Iki tarapyndan ortasyna 3 sanydan şetdalynyň şänigini ýapyşdyryň. Gurandan soň guaş bilen reňkläň.

Gülüň ýapragy üçin şetdalynyň şäniklerini ýaşyl reňke reňkläň we gülüň daşyna ýerleşdiriň.

Görşüňiz ýaly, şäniklerden her hili gülleri ýasamak mümkin.



## ÖZBAŞDAK DÖREDIJILIKLI IŞ

Size: gawun, kädi, garpyz tohumlary we hurma şänikleri; kagyz bilen gaýçy; ýelim ýa-da plastilin; her hili agajyň ýapraklary gerek bolýar.













*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## GÜL ÝASAMAK



Bize gülgün we ak reňkdäki miweleri salmak üçin ulanylýan tor halta, içgi içmäge niýetlenen turbajyklar gerek bolýar.

Gülgün reňkdäki tor haltany iki epläp gyrkýarys we birini turbajygyň ujuna dolap, ýüp bilen berkidýäris.





Ak reňkdäki tor haltany iki epleýäris, içine gülgün reňkli gülüň ortasyny ýerleşdirýäris we ýüp bilen berkidýäris.

Şeýdip başga gülleri hem taýýarlaýarys.





Galyň kartondan ýaprak gyrkyp alýarys.



Çemen taýýarlaýarys.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GÜÝZKI ÝAPRAKLARGAN GÜL ÝASAMAK



1



2



3



4



5



6



7



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# AŞHANA ENJAMLARY BILEN TANYŞMA WE ÝASAMAK



Suratda nähili käriň eýesi görkezilen? Ol jemgyýete nähili peýda getirýär? Iş mahalynda nähili esbaplardan peýdalanýar?

Suratda görkezilen enjamlara üns beriň. Haýsy hatardaky enjamlar aşhana enjamlary, haýsy hatardaky enjamlar aşhanada peýdalanylýan esbaplar we haýsylary hojalyk tehnikalaryna degişli? Olaryň atlaryny we olardan nähili ýagdaýlarda peýdalanylýandygyny bilýärsiňizmi?





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Plastilinden aşhana enjamlaryny ýasajak boluň. Olary ýasamak üçin, ilki bilen, olaryň gurluşyna üns beriň. Ýasamagyň tehnologiýasyny işläp taýýarlaň we şu esasda işi başlaň. Plastilin bilen işlände nähili kadalary berjaý etmelidigini unutmaň.



**Plastilinden öý-hojalyk serişdesi hasaplanýan çanak ýasamagyň görkezmeli kartasy**

| | |
|---|---|
|  | Çanak ýasamak üçin plastilinden galyňlygy 3–4 mm-lik lenta şekilli şekil taýýarlaýarys. |
|  | Lentalary töwerek şekilinde ýerleşdirýäris. Soň elimiz bilen sypap tekizleýäris. Bu gabymyzyň aşaky bölegini düzýär. |
|  | Çanagyň üstki bölegini ýasamak üçin birneme ýogyn we uzynrak lenta taýýarlaň. Eliňiz bilen ony ýalpaklaň. |
|  | Olary taýýarlanan esasa gyrasy bilen aýlap ýapyşdyryp çykýarys we elimiz bilen tekizleýäris. |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÖÝ-HOJALYK ENJAMLARY BILEN TANYŞMA WE ÝASAMAK

Ýaşaýan öýümiz gelşikli we ýaşamak üçin amatly bolmagy üçin biz dürli enjamlardan peýdalanýarys. Hany, aýdyň, biz nähili mebellerden peýdalanýarys? Olar bir-birinden nämesi bilen tapawutlanýar? Öý-hojalyk enjamlaryna nämeler girýär? Hojalygy ýöretmek üçin ýene nähili enjamlar zerur? Olaryň atlaryny aýdyň.

**Ýumuş.** Jedwelde dürli öý enjamlary görkezilen. Ýumşy ýerine ýetirmek üçin kagyz we galam alyň. Oňa ilki otag enjamlarynyň, soňra aşhana enjamlarynyň atlaryny ýazyň.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Adamzat özi üçin amatlylyk döretmek maksadynda hemişe gözlegde bolup, açyş edip gelipdir. Şol sanda, öý-hojalygynda peýdalanylýan zatlar hem üznüksiz kämilleşip gelipdir. Olar diňe bir peýdalanmak üçin amatly bolman, gelşikli hem bolmalydy. Munuň üçin dizaýner diýlip atlandyrylýan käriň eýeleri iş alyp barýarlar.

Siz hem 4 ýylyň dowamynda tehnologiýa derslerinde her hili materiallardan dürli owadan zatlary ýasamagy öwrendiňiz. Hany, dizaýnerlik käri barada nämeleri bilýärsiňiz?

**Dizaýner** – zatlary we obýektleri bezemek, olara surat çekmek, teswir düşürmek bilen meşgullanýan şahs.



Näme üçin dizaýner, ilki bilen, ýasaýan zadynyň eskizini çyzýar?

**Küýzegär ussahanasyna syýahat**













*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Küýzegär** – laýdan dürli-dürli öý-hojalyk serişdelerini, gap-çanaklary ýasaýan ussa.

Küýzegärçilik topragyň (laý) kömeginde gözellik döredýän örän gadymy we gaýtalanmaz sungat hasaplanýar.

Küýzegärçilik biziň watanymyzda örän gadymdan ösüp gelýän halk amaly sungatynyň bir görnüşi hasaplanýar. Ata-babalarymyz laýdan legen, tabak, çäýnek, käse, şakäse, oýunjak, heýkeljik ýaly dürli zatlary ýasapdyrlar.

Küýzegärçilik önümleri hili, ilki bilen, zat taýýarlanýan laýa bagly. Halkymyz «Işläberseň laýy köp, ondan çykar nagyş köp» diýip ýöne ýere aýtmandyr. Küýzegärler laýy ýönekeý laýdan tapawutlandyryp, ol küýzegärçilik sungatynyň uzak ýyllyk tejribesiniň netijesidir. Şol laý maýyşgak we şepbeşik taraplaryna eýe bolýar. Gadymda küýzegärler laý üçin topragy ýeriň aýratyn gatlaklaryndan ýyllap gözläpdirler.

Bu günki günde her hili temperaturada bişýän laý görnüşleri köp bolup, olara umumy atda keramiki ýa-da küýzegärçilik laýy diýilýär. Öňler zat ýasamak üçin aýak çarhyndan peýdalanylypdyr. Häzirki wagtda çarhlar elektrik togunyň kömeginde aýlanýar. Ýasalan zat çarhdan alnyp, kölegede guradylýar. Gurandan soň, emaý bilen öl esgi bilen tekizlenýär we oňa reňk, bezeg berilýär. Soňra ýapyk kamerada 500–600 $^{0}$C temperatura astynda bişirilýär.

Özüňizi küýzegär diýip hasaplap, jigiňiziň gurjagy üçin öý-hojalyk zatlaryndan taýýarlap beriň. Munuň üçin topara bölünip, ýerine ýetirilýän işleri bölüşiň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýasamakçy bolýan zadyňyzyň näçe basgançakda ýerine ýetirilmegi mümkinligi barada oýlap görüň.



Suratda öý-hojalyk zatlaryny ýasamagyň ýollary basgançaklaýyn görkezilen. Gözden geçiriň we ýasamaga çalyşyň.

**Krowat ýasamagyň görkezmeli kartasy**





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Sagat ýasamagyň görkezmeli kartasy




**Küýze ýasamagyň görkezmeli kartasy**






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Surata üns bilen garaň. Çaý içmek üçin gerekli enjamlar goýlupdyrmy? Haýsy enjam artykmaç?



Ynha, öý-hojalykda ulanylýan enjamlar we esbaplar bilen hem tanyşyp aldyňyz. Otaglary we aşhanany tertipli saklamakda eneňize kömek edýärsiňizmi? Kömekleşende nähili işleri ýerine ýetirýärsiňiz?

Eneňize kömekleşeniňizde, aşakdakylary ýatda saklaň!

Gapylar we äpişge ramlary sabyn bilen ýyly suwda ýuwulýar. Aýnalary ilki öl, soňra gury esgi bilen arassa bolýança süpüriň. Öl esgi bilen laklanmadyk we ýylmanmadyk mebeller, gapylar, äpişgäniň aýnalary, ýyladyjy esbaplar süpürilýär. Ýylmanak edilen we laklanan mebeller bolsa tüýli ýumşak esgi bilen süpürilýär. Naharlanmaga oturmazdan öň el hökman ýuwulmalydyr. Stoluň daşynda dogry, stula söýenmezden we stola ýanbaşlaman oturylýar. Naharlanyp bolandan soň gap-çanaklary ýuwup goýmaly.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# AŞPEZLIKDE TAÝÝARLANÝAN HAMYR GÖRNÜŞLERI



Özbek aşpezliginde hamyrdan her hili tagamlar taýýarlanýar. Çünki hamyryň esasy bolan bugdaý, arpa, mekgejöwen, akjöwen dänesi belok maddasyna baý. Şonuň ýaly-da, bugdaý ununda 11–16 % çenli azotly maddalar, 1–1,5 % çenli ýag, 70–74 % çenli krahmal, 0,5 %-den köpräk minerallar bar. Şu sebäpli-de hamyrdan edilen önümler doýumly, mazaly we kaloriýa baý bolýar.



Häzirki wagtda halkymyz hamyrmaýasyz hamyr, ýönekeý hamyrmaýaly hamyr, hamyrmaýasyz we süýt, ýag, ýumurtga salnan hamyr hem-de hamyrmaýaly we süýt, ýag, ýumurtga salnan hamyrlardan peýdalanýar.

**Ýönekeý hamyrmaýasyz hamyr**. Ony taýýarlamak üçin ilki legene duz salyp, azrak suw bilen eredýärsiňiz. Soň duzly suwa elenen uny salyp garýarsyňyz. Gerekli gatylyga gelen hamyry gowuja ýugurýarsyňyz. Garan hamyryňyzyň lokgalarsyz, ýagny suw we unuň birmeňzeş garylmagyna ünsli boluň. Taýýar hamyry zuwala edip, demine goýmak üçin 10–15 minut dolap goýuň. Şeýle hamyr manty, börek we lagman taýýarlamak üçin ulanylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýönekeý hamyrmaýaly hamyr**. Iş hamyrmaýany legende (mis, syrçaly, toýun ýa-da emally) ýugurmakdan başlanýar. Duz goşup erediniňizden soň az-azdan un we suw salyp hamyr garýarsyňyz. Taýýar hamyry zuwala edip, legende galdyrýarsyňyz. Üstüni galyňrak zat bilen basyryp, 2 sagat yssyrak ýere goýýarsyňyz. Hamyryň çişýän wagty oňa salnan hamyrmaýanyň mukdaryna bagly bolýar. Hamyryň uzak wagt durup galmazlygyna üns beriň, ýogsam undan taýýarlanýan önümleriň tagamy we hili bozulýar.

Hamyrmaýaly hamyrdan maýaly çörek, myssyk çörek, dürli somsalar taýýarlamak üçin ulanylýar.

Ýokarda taýýarlanyşy düşündirip geçilen hamyrmaýasyz we hamyrmaýaly hamyra özgeçe tagam bermek üçin süýt, ýag we ýumurtga-da goşmak mümkin.

Bu önümler aşakdaky yzygiderlikde goşulýar: suwuň ýerine süýt ýugrulýar, yzyndan duz, ýag, hamyrmaýa we ýumurtga salyp gowuja garylýar. Soňra garynda un salyp garylýar, taýýar hamyr gowuja eýlenýär we çişirmek üçin alyp goýulýar.

## Börek



Hamyry gatyrak edip garýarsyňyz we zuwala ýasap, 10 minuda çenli demine goýýarys. Soňra oklawda bir tekiz edip ýaýýarys. Ýaýylan hamyry kwadrat şekilinde gyrkyp, her bir kesime üwelen et salyp büküýäris.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## KAGYZDAN BÖREK ÝASAMAK

Size: salfetka, kagyz we ýelim gerek bolýar.

Salfetkadan gönüburçluk şekil ýasap alyň.

Ortasyna togalaklanan (üwelen et) kagyzy goýuň we epläň. Barmaklaryňyzyň kömeginde aýlap, uçlaryny birleşdiriň.

Birleşen ýerini ýelim bilen ýapyşdyryň. Ynha, kagyzdan ýasalan “böregi”miz taýýar!






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# KAGYZDAN PAPÝE-MAŞE USULYNDA ZATLAR ÝASAMAK

“Papýe-maşe” sözi fransuz dilinde “ýygyrtlanan kagyz” diýen manyny aňladýar. Papýe-maşe – kagyzy maýdalap, olary ýelim bilen üstme-üst ýapyşdyrmak ýoly arkaly oýnawaç ýasamak usuly. Munuň üçin gazet kagyzy laýyk gelýär.

Maýdalanan kagyz bölekleri PVA ýelimi bilen ýelimlenýär. Şonuň ýaly-da, undan ýa-da krahmaldan taýýarlanan ýelimden hem peýdalanmak mümkin. Papýe-maşe usulynda käbir zatlary ýasamak üçin stoluň üstüne köne kleýonka düşäň. Iş wagtynda eliňizi süpürmek üçin elçalgyç hem taýýarlap goýuň.

## Papýe-maşe usulynda tarelka ýasamak

Tarelkany ýasamak üçin size: tarelka, gazet, ýelim, çotga, şakäse, ýag ýa-da wazelin gerek bolýar. Ilki bilen gazeti ini 2,5 sm, uzynlygy 10 sm bolan böleklere bölüp çykyň.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE





Tarelkanyň üstki tarapyna çotga bilen ýag (wazelin) çalyp çykyň we onuň üstüne birnäçe gat gazet böleklerini ýapyşdyryň.

Soňra ýelim çalyp, üstünden gazetiň bölejiklerini yzygiderlik bilen bir tekiz ýapyşdyryp çykyň. Ýelim guransoň, ony galypdan aýyryň. Munuň üçin tarelkany çetinden tutup, ýuwaşjadan çekýärsiňiz. Emele gelen tarelka şekiliniň ýokarky bölegine ýene bir gat ak kagyz ýapyşdyryň. Tekiz bolmadyk ýerlerini gaýçy bilen tekizläň we ýelimiň galyndylaryndan arassalaň. «Tarelka» gurandan soň ony bezäň.











*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Özüňiz ýasajak boluň















*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# SAMANDAN GÖWRÜMLI OÝUNJAKLAR ÝASAMAK

Aşakda berlen suratlary synlaň. Onda sungat ussalary tarapyndan samandan ýasalan owadan iş nusgalary berlen.





Samandan we ýüpden ýasalan oýunjaklar bir-birinden nämesi bilen tapawutlanýar?






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýasamak üçin bugdaý, arpa, çöwdary, süle ösümlikleri samanyndan peýdalanýarys.



Saman bilen işlände ululary̆ň (mugallym, ata-ene) kömeginden peýdalanmaly.

## Ösümlik samanyny taýýarlamak








Samany işlemäge taýýarlamak üçin ol gyrkylýar we arassalanýar.

Iş prosesinde samanyň döwülmezligi üçin ony gyzgyn suwda ezip almaly. Munuň üçin tekiz saman baldaklary saýlap alynýar. Olar eplenmän, döwülmän, ulurak gaba ýerleşdirilýär we üstüne gyzgyn suw guýulýar. Soň gabyň üsti gapak bilen ýapylyp, birnäçe sagat ezip goýulýar. Şeýle işläp bejerlenden soň saman maýyşgak we berk bolýar. Olary aňsatja eplemek mümkin. Işläp bejerilen saman aýratyn gapda saklanýar.

Tekiz applikasiýaly işleri ýerine ýetirmek üçin samanyň baldagyndan tekiz lentalar taýýarlanylýar. Munuň üçin samanyň baldagy gaýçynyň ýa-da ýiti pyçagyň kömeginde uzynlygyna gyrkyp alynýar.

Her bir saman bölegi yssy temperatura astynda ütüklenýär. Taýýar samanjyklar guta ýerleşdirilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ütüklenen samanlar PVA ýeliminiň kömeginde kagyzyň üstüne bir-birine diräp, reňklerini laýyk getirmek bilen ýapyşdyryp çykylýar.

Kagyza ýapyşdyrylan samanlara derrew yssy temperaturaly ütük basylýar. Soň kitabyň arasyna basyrlyp goýulýar. Tekizlenen serişdäniň arka tarapyna gerekli surat düşürlip gyrkylýar we şekili aňladýan esasy kagyza basgançaklaýyn ýapyşdyrylýar.






1


2


3


4







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Samandan oýunjak at ýasamak

Surata üns bilen garaň. Oýunjak at nähili böleklerden düzülen? Ony nähili tertipde we näçe basgançakda ýerine ýetirmek mümkin?

Samany taýýarlamakda ol näme üçin yssy suwda ezilýär? Ezilen saman nähili aýratynlyklara eýe?

At ýasamak üçin samandan üç daňy taýýarlap alyň. Birinji daňyny alyp, ondan atyň kellesi bilen boýun bölegini ýasaň. Gulaklaryny hem ýasamagy unutmaň.




Boýnuna saman daňmak arkaly aty bezäň. Munuň üçin birnäçe saman daňylaryndan peýdalanyň.




Bedeni üçin ikinji daňy samany alyň we ony kelle bölegi bilen birleşdiriň. Aýaklary üçin üçünji saman daňy-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

syny alyp, bedeni bilen birleşdiriň we aýagyny ýüp bilen berkidiň.

11 12


Boýun böleginden galan samany 2 bölege bölüp, öň aýaklaryny emele getiriň. Atyň ýalyny we aýaklaryny samana reňkli ýüpleri daňmak arkaly emele getiriň.

13 14 15


Samandan taýýarlanan suratdan ýa-da oýnawajygyňyzdan nirede peýdalanmak mümkin? Şeýdip samandan zat ýasamagy hem öwrendiňiz. Ýene nähili şekilleri döretmek mümkin?

Ýasan zadyňyza baha beriň:

1) ata-eneňiziň bahasy;
2) dostlaryňyz bahasy;
3) özüňiz beren baha;
4) mugallymyňyzyň bahasy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## SAMANDAN APPLIKASIYA USULYNDA PEÝZAŽ TAÝÝARLAMAK

Peýzaž döretmekde synpdaşlaryňyz bilen bilelikde işi bölüşiň. Soňra saman bilen işlemegiň tertibine amal etmek bilen işi başlaň we gutarandan soň şekili umumy karton kagyza ýerleşdiriň.





1



2



3



4



5



6



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Özüňiz özbaşdak ýasaň.









*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# SUWDA HEREKETLENÝÄN TRANSPORT ÝASAMAK (KATAMARAN)



Katamaran – paluba bilen birleşdirilen iki korpusly gämi.

Surata garaň. Katamaran ýasamak üçin nähili çig mallar gerekdigini ýatda saklaň.

Size: doňdurma çöpi, gysgyç, togalak taýajyk gerek bolýar.

**Ýatda saklaň!** Doňdurma çöpünden peýdalananda ony gowuja ýuwmalydygyny unutmaň.



Gysgyç we doňdurma çöpünden gämi korpusyny emele getiriň. Bölekleri PVA ýelimi bilen ýapyşdyryň. Ýelimiň ýerine skotçdan peýdalansaňyz hem bolýar. Katamaran üçin iki korpus ýasaýarsyňyz.

Gäminiň korpuslaryny doňdurma çöpi bilen skotçyň ýa-da ýelimiň kömeginde birleşdiriň.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýelken ýasaň. Ini 8 sm, uzynlygy 13 sm li gönüburçluk kagyz taýýarlaň. Applikasiýa usulynda bezäň.





Ýelkeni maçta* birikdiriň. Munuň üçin kagyzy emaý bilen deşip, togalak taýajyga geýdiriň.



4

Maçtany ornaşdyryň. Togalak agajy gysgyja mäkämläň.



5



6



Ýasan katamaranyňyzy suwa goýuň. Ol suwda gark bolman we ýykylman durmagy üçin nämelere üns bermelisiňiz? Näme üçin ol suwda gark bolmaýar? Adamlar ýüzýän birinji zatlary nähili oýlap tapypdyrlar? Katamaranyň wezipesi nämelerden ybarat we ol nähili materiallardan taýýarlanýar?

---

***Maçta** – katamaranyň ýelkenlerini çekmek üçin ulanylýan beýik sütün.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## GYZYL ÝELKENLI GÄMI ÝASAMAK

Size: penoplast, gyzyl kagyz, maçta üçin togalak uzyn çöp, diş synçgasy gerek bolýar.

1. Üç hili ululykda gönüburçluk şekilini gyrkyp alyň.

2. Her bir gönüburçlukda diş synçgasy bilen iki sanydan deşik deşiň we olary maçta üçin alnan togalak çöpe ornaşdyryň.

3. Uly-kiçiligi boýunça ýerleşdiriň.

4. Kwadrat şeklindäki penoplasty alyň. Bir tarapyny suratda görkezilen ýaly üçburçluk şekilinde edip gyrkyň (gäminiň burun bölegini ýasamak üçin).

5. Kagyzdan uly we kiçi iki baýdajyk gyrkyň. Kiçi baýdajygy diş synçgasyna ýapyşdyryň. Uly baýdagy maçtanyň depesine ýelimläň.

6. Maçtany penoplastyň ortasyna ýerleşdiriň. Kiçi baýdajygy çünk bölegine ornaşdyryň.


1


2





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# UÇÝAN MODELLERI ÝASAMAK

Samolýot adama nähili hyzmat edýär? Samolýotlaryň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz? Samolýot nähili böleklerden ybarat? Samolýoty kim dolandyrýar? Surata üns bilen garaň. Howada uçýan modeller nähili materiallardan we nähili taýýarlanyşy, olaryň ölçegleri barada ýoldaşlaryňyz bilen pikir alyşyň. Hany aýdyň, näme üçin ölçeglere aýratyn üns bermeli?

Samolýot ýasamak üçin iki agaç taýajyk alyň. Iki uly taýajygy mawy reňke, kiçi taýajygy bolsa gyzyl reňke reňkläň. Boýag gurandan soň taýajygy gysgyjyň aşaky we üstki tarapyna ganat edip ýapyşdyryň. Kiçi taýajygy samolýotyň guýruk bölegine ýapyşdyryň. Ýokary tarapyna agaçdan üçburçluk ýasap ýelimläň. Ýelim gurandan soň gysgyjyň aşagyna magnit ýapyşdyryň.



1



2



3





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÖZÜŇIZ ÝASAJAK BOLUŇ

Şu samolýoty ýasamak üçin ýönekeý turba şekilli karton alyň. Suratdaky ýaly eplenen şekil gyrkyň. Munda uçujynyň kabinasy emele gelýär. Kartony tekizläň, samolýotyň ganatyny we guýrugyny ornaşdyrmak üçin kesik taýýarlaň. Ganat, tigir, guýrugy bolsa başga kartondan ýasaň. Reňk bilen reňkläň. Boýag gurandan soň ganatlaryny we guýruklaryny kesik ýere ýerleşdiriň. Tigirlerini sim bilen berkidiň.




Uçujy käri barada maglumat toplaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# POLIMER MATERIALLARDAN OÝUNJAK ÝASAMAK



1 2 3 4



5 6 7



8 9 10 11



12 13 14



15



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# AÝAZBABA USSAHANASYNDA ARÇA BEZEGINI ÝASAMAK

Täze ýyl baýramy üçin öýüňizde we synp otagyňyzda arça bezelýär. Arçany bezemekde bolsa iň gowy bezeg bolup özüňiz ýasan oýunjak hasaplanýar.

Oýunjaklary nähili materiallardan ýasamak mümkin? Olar näçe bölekden ybarat bolýar?

Oýunjak taýýarlamak üçin:

1) reňkli kagyzdan uzyn lentalary gyrkyp alyň;

2) olary bile toplaň we iki epläň. Munda kitapça şekili emele gelýär;

3) olaryň ortasyny stepleriň kömeginde birikdiriň;

4) indi kitapçanyň birinji listini iki epläň we ýelimläň;

5) galan listleri hem şeýdip ýelimläp çykyň.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ARÇANY BEZEMEK ÜÇIN MERJEN ÝASAMAK

Täze ýyl arçasynyň merjenini ýasamak üçin Size: reňkli kagyz, karton, ýelim, çotga, gaýçy gerek bolýar.

Merjen ýasamak üçin kartondan silindr emele getiriň we ony reňkli kagyz bilen dolap ýapyşdyryň.

Uzynlygy 170 mm bolan reňkli kagyzy aralygy 5 mm-den edip lenta şekilli şekilde gyrkyp çykyň.

Taýýarlanan lenta şekilli şekiliň ýokary bölegine ýelim çalyp, silindre tekiz edip ýapyşdyryň.

Her hili reňkdäki lenta şekilli şekilleri ýapyşdyryp bolandan soň arça asmak üçin lentany hem ýelimläň.

1



2



3





4





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# ŞAR ŞEKLINDÄKI ARÇA OÝNAWAJYNY ÝASAMAK



Şeýle arça oýnawajyny ýasamak üçin reňkli kagyz, sim, stepler we ýelim gerek bolýar.

Töweregiň ülňüsini alyp, üç hili reňkli kagyzdan 12 sany birmeňzeş töwerek gyrkyň. Her bir tegelegi iki epläň. Eplände bir sany açyk gök, iki goýy gök, iki gyzyl, iki açyk gök, iki goýy gök, iki gyzyl we bir sany açyk gök tegelek goýuň.



Töwerekleri stepleriň kömeginde bir-biri bilen birikdiriň.



Tekizläň we her bir tegelegiň ýarysyny ikinji tegelek ýarysy bilen ýelimläp ýapyşdyryň. Munda her bir tegelegiň ýarysyny öňki tegelek bilen ýokary tarapdan, soňkusy bilen bolsa aşaky tarapdan ýapyşdyrmaly.









*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# KAGYZDAN ARÇA ÝASAMAK

Kagyzdan arça ýasamak üçin reňkli kagyz, gaýçy, sim, ýelim, çotga gerek bolýar.

Reňkli kagyzdan her hili ölçegde tegelekler taýýarlaň we olary sektorlara bölüň. Sektorlary bellenilen çyzyklar boýunça suratdaky ýaly ýapyşdyryp çykyň. Taýýar bolandan soň sime ýerleşdiriň. Arçanyň depesindäki şekili ýarym tegelekden emele getiriň.

1



2



3



4



5





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GUTLAG HATY ÝASAMAK

Siz zatlaryň basgançaklaýyn ýasalýandygyny gowy öwrendiňiz. Suratda Täze ýyl gutlag hatyny taýýarlamagyň basgançaklary görkezilen. Üns bilen garasaňyz, yzygiderligiň çalyşandygyny aňarsyňyz. Ýasamazdan öň bolsa yzygiderligi bellik ediň.

**Ýatda saklaň!** Kagyzy zaýalamazlygyň hem-de gaýçy we ýelim bilen işlemegiň kadalaryny berjaý ediň.




















*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ERTEKI GAHRYMANLARYNY ÝASAMAK

Suratda görkezilen erteki nähili atlandyrylýar? Bu ertekide kimler gatnaşýar?




Ertekiniň tekstini okapdyňyzmy? Erteki gahrymanlary ýadyňyzdamy?






## Plastilin bilen işlemegiň tehnologiýasy

Zat ýasamazdan öň plastilini eliňiz bilen ýumşadyň.

Haýwanlaryň we oýunjaklaryň şekilini ýasamak üçin olaryň uly bölegini ýasamakdan başlaň. Haýwanlaryň şekilini ýasamak üçin ilki bilen onuň bedeni we kelle



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bölegini ýasap, olaryň gatnaşyklaryny deňeşdiriň we soňra birleşdiriň. Maýda böleklerini bolsa iň soňunda ýasaň. Maýda böleklerini ýapyşdyranda heýkeltaraşlyk galamyndan (stekden) peýdalanyň. Ol şekiliň beden we kelle böleginde çukurjyklary emele getirmekde kömek edýär. Bu çukurjyklara bolsa göz, burun, guýruk we gulak ýapyşdyrylýar. Şonuň ýalyda, stek artykmaç plastilini almakda-da kömek edýär. Bölekler bir-birine mäkäm ýapyşdyrylandan soň, ýapyşan ýerleri stek bilen ýylmap goýuň.

Ýadyňyza salyň, haýsy ertekide tilki mekirlik edýär? Ertekiniň awtory kim? Erteki gahrymanlaryny ýasajak boluň. Munuň üçin işi nämeden başlamaly? Ilki bedeniň gurluşyna görä – ýumurtga şekilli, kellesine görä – togalak şekilleri ýasap alyň. Soňra ellerini we aýaklaryny süýri şekilde ýasap, beden bölegine, gözüni, burnuny, gulagyny we guýrugyny ýasap, kelle bölegine ýapyşdyryň.



**Işi ýerine ýetirmegiň tertibi.**

1. Topardaky ýoldaşlaryňyz bilen işi bölüşiň.
2. Kompozisiýany ara alyp maslahatlaşyň.
3. Toparda gatnaşyk kadasyny ýatdan çykarmaň.
4. Plastilin bilen işlände howpsuzlyk tehnikasy kadalaryny berjaý ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# Erteki gahrymanlaryny ýasamagyň görkezme kartasy












*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# PLASTILINDEN SEBET GÖTEREN TILKINI ÝASAMAK

Hany ýadyňyza salyň, haýsy ertekide tilki sebet göterip gezýär? Şol gahrymany ýasamak üçin nähili taýýarlanmaly? Munuň üçin işi nämeden başlamaly?

Ilki bilen, plastilinden tilkiniň konus şeklindäki koftasyny ýasaň we ony düwmejikler bilen bezäň.

Soňra elini we aýajyklaryny, soň bolsa guýrugyny ýasaýarys.

Tilkiniň kelle bölegi käşir şekilli görnüşe eýe bolýar. Oňa gulak, burun we gözler ornaşdyrylýar. Işiň ahyrynda kelle bölegini göwresine birleşdirip, ýubkasyny, elini, aýajyklaryny hem-de guýrugyny öz ýerine birleşdirip çykyň.



1 2 3



4 5



6



7 8



9 10





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÝÜPDEN OÝUNJAK ÝASAMAK

Ýüpden nämeler ýasamak mümkindigini bilýärsiňizmi?



Meselem, ondan ýumşak şarjagaz ýasamak mümkin. Şeýle şara seçekli telpek hem diýilýär. Ony ýasamak üçin iki kartondan ülňi taýýarlap alyň.





Iki ülňini jübütläň. Galyň ýüp alyp, olary doly örtýänçe birnäçe gatlak edip dolap çykyň. Ülňüleriň goşulyşýan ýerinden ýüpi gyrkyň. Ülňüleri ýuwaşjadan süýşüriň, ýöne alyp taşlamaň. Olaryň arasyndaky ýüpleri diňe daňandan soň alyp bilersiňiz. Ýüpi seçekli telpek emele gelýänçe dogurlaň. Emele gelen şekilden her hili zatlary ýasap bilersiňiz. Iki seçekli telpek taýýarlaň. Oňa kagyzdan göz, gulak, burun ýasap ýapyşdyryň.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÝÜPDEN SEKIZAÝAK ÝASAMAK

Sekizaýak ýasamak üçin size: reňkli ýüp, gaýçy we reňkli kagyz gerek bolýar.

Eýsem, sekizaýagy ýüpden nähili ýasamak mümkin?

Reňkli ýüp alyp, ony ortasyndan daňyň. Kelle bölegi bolýan tarapyny belgiläp alyň we başga reňkdäki ýüpi ähli ýüpleriň aşagyndan geçirip daňyň.






Aýaklar üçin ýüpi deň böleklere bölüň. Soňra olary maýda edip örüp çykyň. Uçlaryny ýüp bilen daňyň. Ynha, sekizaýak hem taýýar boldy! Indi reňkli kagyzdan güljagazlar ýasap, oýnawajyňyzyň aýaklaryny bezäp bilersiňiz.











*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## Ata-eneňiz bilen bilelikde ýasajak boluň

Munuň üçin size: silikatly kanselýariýa ýelimi we plastmassaly gap; ak tegekli ýüp (№40–60); ýüp üçin çüýşe gap; gaýçy; ýogyn we uzyn iňňe; oýunjak şar; reňkli kagyz gerek bolýar.

Çagalaryň oýunjak şaryny alyň. Ony üfläp çişiriň. Tegek ýüpi çüýşe gaba salyň. Iňňä ýüp geçiriň we silikat ýelim gaba iňňäni sanjyň. Soňra iňňäni sogrup, esgi bilen süpürip alyp goýuň.






Çep eliňize şary alyp, ýelimli ýüpi howlukmazdan şara dolap çykyň. Ýüpi şara mäkämräk dolamaga çalyşyň. Ýüp näçe kem dolansa, şekil şonça nepis görnüşe eýe bolýar.

Şondan soň guratmak üçin goýuň. 4 sagat geçensoň, ýüpüň arasyndaky şary iňňe bilen deşip alyp bilersiňiz. Şeýle şekillerden her hili oýunjaklar, arça bezegleri ýasamak mümkin.








*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MATADAN ÝUMŞAK OÝUNJAK TIKMEK



Islendik mata bölegini alyň we ütükläň. Kartondan taýýarlanan töwerek ülňüsini matanyň ters tarapyna goýup, bir tekiz edip gyrasy boýunça galam bilen çyzyp çykyň. Matada töweregiň çyzgysy alynýar. Ony gyrkyp alyň. Göni güberçek tikin bilen töwerek gyralaryny tikib çykyň.

Tikip başlanan ýere ýetip gelensoň, ýüpi ýuwaşlyk bilen çekiň we matany gatlap ýygyň. Emele gelen haltajygyň içini pagta bilen dolduryň. Pagtanyň ýerine sintepon, matanyň maýda bölekleri, dürli dokmaçylyk ýüplerinden hem peýdalanyp bilersiňiz. Eger onuň içine düýrlenen sellofan paketi salsaňyz, oýnan mahalyňyzda şytyrdyly ses çykýar. Haltajygy dykyzlap ýa-da boşrak galdyryp doldurup hem bilersiňiz. Şoňa garap ýasalan oýunjagyň aýratynlyklary üýtgeýär. Haltajygyň içi dolduryландan soň ýüpi ahyryna çenli çekiň we tikin söküli gitmezligi üçin tikinlemegi gutarýan bölege mäkämläp tikip goýuň.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Pökginiň depe bölegindäki epinleri gyýyk tikiniň kömeginde haltajygyň içine epläp tikip goýuň. Şu tertipde ikinji pökgini hem taýýarlap alyň. Bu oýnawajyň kelle bölegi bolýar. Ülňiniň kömeginde ýene iki sany kiçijik pökgi tikip alyň. Olar aýaklaryň wezipesini ýerine ýetirýär. Pökgüleriň sapagyny çekip berkitmezden öň olaryň her biriniň içine daňy goýuň. Şeýdip gözleri we çüňkleri hem ýasap alyň. Iş ähli bölekleri özara birleşdirip çykmak bilen tamamlanýar. Şu döredijilik nusgasy üçin goşmaça bezegleri öz datyňyza, islegiňize görä saýlap we oýnawaja goşmaçalar girizip bilersiňiz.









*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## BEZEGLI OÝUNJAK ÝASSYK TIKMEK

Ülňini çyzyp alyň. Taýýarlanan matanyň çöwre ýüzüni içki tarapa iki epläň. Eplenen mata ülňini goýuň we galam bilen çyzyp alyň. Çyzyk boýunça gaýçy bilen gyrkyň. Ynha, sizde gyrkylan iki beden bölegi emele geldi. Olaryň birine göz we burun ornuny belgiläp, tikiň.

Iki beden bölegini hem agdaryp, olaryň gyralaryny birleşdirip tikip çykyň. Munda belli bir ýeri tikmezden açyk galdyrmagy unutmaň.

Bitewi beden bölegi taýýar bolandan soň açyk galdyrylan ýerden matany çöwre ýüzüne agdaryň. Bedeniň içine pagta salyp dolduryň. Açyk ýeri bolsa tikip goýuň. Bu bezegli ýassygy eneňiz bilen bilelikde taýýarlasaňyz has-da gowy bolar.








*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## OÝUNJAK TIKMEK
(Öýde özbaşdak işlemek üçin)










*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÝÜK MAŞYNYNYŇ MODELINI ÝASAMAK

Derslikdäki çyzgyny üns bilen öwreniň. Taýýarlanan ülňini kagyza goýup çyzyp alyň we gyrkyň. Atlandyrylyşyna garap bölekleri ýerleşdiriň.




Kabina




Kuzow asty daýanjy




Kabinanyň üsti




Kuzow




Kronşteýn





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## AWTOMOBILIŇ MODELINI ÝASAMAK

Otluçöp gutusyndan awtomobiliň modelini taýýarlanda ýangyn howpsuzlygy kadasyny berjaý etmegi unutmaň.


1


2


3


4


5


6


7


8


9


10


11


12


13


14


15


16



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 8-NJI MART BAÝRAMYNA GUTLAG HATY

Kwilling – uzyn we insiz kagyzy işmek (meselem, biz, diş synçgasynyň daşyna) arkaly nepis edip işlenen şekil. Munda kagyz spiral şekilli bolup galýar we ony özgertmek bilen başga her hili şekilleri almak mümkin. Kagyzyň iki tarapy hem reňkli bolmalydyr. Kwilling almak üçin kagyzyň ini 3–7 mm bolmagy talap edilýär.

Kagyzy iki barmagyňyz bilen tutuň.

1


Şeýle ýagdaýda ony ikinji barmagyňyzyň dyrnagy bilen ýylmap, kagyzyň ujuny gaňyryň.

2


Ujy gaňyrlan kagyz agaçdan taýýarlanan ýörite tekiz inçe taýajyga çalt dolanýar. Kagyzy dykyz edip dolamagy unutmaň.

3


Eger kagyzyň diametri 3–4 mm bolsa, bizi goýup, barmaklaryňyz bilen dolasaňyz hem bolýar.

4


Spiral şekilli şekili birneme açmak üçin barmaklaryňyzy gowşadyň.

5




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Spiral ýaýylyp gitmezligi üçin PVA ýelimi bilen ahyryny ýapyşdyryp goýuň.

6



Spiral şekilli şekili barmaklaryňyz bilen gysyp, dürli şekilleri alyp bilersiňiz.
Şu şekilleriň kömeginde her hili zatlary ýasajak boluň.

7

















*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# BAÝRAM GUTLAG HATYNY ÝASAMAK

8-nji mart – Halkara aýal-gyzlar baýramy. Bu günde ählimiz mähriban enejanlarymyza, gözel dogan-jigilerimize sowgatlar berýäris. Perzendi öz elleri bilen ýasan baýram sowgady bolsa syrdaş ejejanlarymyzy has-da guwandyrýar. Özüňiz ýasan nagyşly gutlag hatyna ýüregiňizdäki içgin dilegleri we islegleri ýazyp, enejanyňyza gowşursaňyz, olary has-da hoşal eden bolarsyňyz. Size birnäçe kwilling tehnikasy bilen taýýarlanan gutlag hatlary hödürleýäris. Olara döredijilikli çemeleşip, öwrenen kwilling tehnikasy esasynda özüňiz hem ýasajak boluň.












*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## ÖZÜŇIZ ÝASAJAK BOLUŇ

Gutlag hatyny ýasamak üçin Size: reňkli kagyz, gaýçy, salfetka we ýelim gerek bolýar.

Reňkli kagyza ülňi esasynda gülüň we ýapragyň suratyny çekiň. Emele gelen şekilleri gaýçynyň kömeginde gyrkyp alyň. Gülüň orta bölegine togalak şekili ýapyşdyryň we gutlag sözüni ýazyň. Taýýarlan gülüňizi we ýapragyňyzy esasa ýapyşdyryň.









*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# NOWRUZ BAÝRAMYNA GUTLAG HATY ÝASAMAK

Galyň kagyza islendik şekildäki gülüň suratyny çekiň.

Çekilen gülüň şekiliniň bir bölegine ýelim çalyň.

Kwadraty turbajyk edip, diş synçgasynyň ujuna dolaň.

Ruçkany çykaryp alyň we güli çyzyk boýunça ýapyşdyryň.

Soňky turbajyklar hem şeýle ýapyşdyrylýar.

Turbajyklary bir-birine ýakyn ýerleşdirmeli.




7








*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÖZÜŇIZ ÝASAJAK BOLUŇ





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# "GÜLZAR" PEÝZAŽYNY KWILLING USULYNDA IŞLEMEK

Kwilling usulynda gülzaryň peýzažyny synpdaşlaryňyz bilen bilelikde drörediň. Kwilingiň dürli usulyndan peýdalanyp gülzar ýasaň.









*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TIKINÇILIK

Egniňizdäki lybaslary kim tikendigini, onuň nähili matalardan taýýarlanandygyny bilýärsiňizmi? Geými arassa saklamagyň peýdaly taraplaryny sanap berip bilersiňizmi?

Nähili görnüşdäki matalary bilýärsiňiz? Aşakda geçirilen tejribeden nämäni bilmek mümkin? Näme üçin matanyň aýratynlygyny bilmelidiris? Egin-eşikler nähili matalardan taýýarlanýar? Näme üçin egin-eşikler her hili matalardan tikilýändigi barada pikirleniň.

**Tebigy** **Himiki**





**Haýsy mata çalt ezilýär**





**Haýsy mata köp ýygyrt bolýar**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MATADAN ZATLAR TIKMEK

Özüňizi synaň:

1) kagyz we galam taýýarlap alyň;

2) her bir hatarda berlen tikin görnüşleri adyna dogry gelýän nomerleriň ýerini çalşyryň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| A |  | 1 | Zynjyr şekilli tikin |
| B |  | 2 | Haç şekilli tikin |
| D |  | 3 | Haçly tikin |
| E |  | 4 | Ýörme tikin |

Çyzgy dogry aňladylan teswiri tapyň we nomerini kagyza ýazyň.

1


2



3





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Matalardan zatlar aşakdaky tertipde taýýarlanýar:
1) mata saýlanýar;
2) ülňi esasynda bölekler belgiläp alynýar;
3) bellenilen bölekler gyrkylýar;
4) işläp bejerilýär we tikilýär.

Elýaglyk tikmek üçin mata seçip alyň. Ölçegini bellik ediň we gyrkyň.

Tikmek üçin Size nähili materiallar we esbaplar gerek bolýar?



**Elýaglygyň gyrasyny işläp bejermek**



Elýaglygyň gyrasy tekiz we berk bolmalydyr. Munuň üçin onuň gyrasyny 1 sm edip epläň we göni tikinde tikiň. Tikip bolandan soň eneňiziň kömeginde ütükläň. Iňňe we gaýçy bilen işlände howpsuzlyk tehnikasy kadalaryny berjaý ediň.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MATADAN GÜL PANNOSYNY ÝASAMAK

Mata güllerinden çemen taýýarlanda applikasiýa usulyndan peýdalanylýar. Iň ilkinji iş – matadaky gülleri gyrkyp almak. Gyrkyp taýýarlanan gülleri ýapyşdyrmak üçin olaryň reňkine laýyklykda reňkli kagyzdan esas taýýarlap alyň. Taýýar esasa gülleri ýerleşdirip çykyň we ýelimläň. Çemeniň ýapragyny hem materialdan gyrkyp alýarsyňyz we ýapyşdyrýarsyňyz. Gülüň sapagyny bolsa reňkli galam bilen çyzyp goýuň.







Siz hem mata güllerinden peýdalanyp panno dörediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Panno döretmek üçin taýýar ülňini mata goýup gyrkyp taýýarlap alyň. Taýýarlap alan şekilleriňizden kompozisiýa därediň.





1



2



3



4







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DOKAMAK BARADA MAGLUMAT

Dokamak ilki bilen adamlaryň durmuşynda zerurlyk sebäpli peýda bolupdyr. Gadymda olar durmuşda özlerine gerekli bolan zatlary ýönekeý materiallardan peýdalanyp taýýarlapdyrlar. Dokamak ýyllaryň dowamynda barha ösüp, hakyky sungat derejesine göterilipdir. Dokalan zatlar yssy, pugta we çydamlydyr. Siz hem biraz zähmet, çydamlylyk bilen ýüpüň we örmäniň kömeginde owadan zatlary dokap, ýakyn adamlaryňyzy begendirip bilersiňiz.



Zatlary elde dokamak üçin keýe ýa-da ildirgiç gerek bolýar. Keýe we ildirgiç bilen işlände howpsuzlyk tehnikasy kadalaryny ýatda saklaň we işi tamamlap, esbaplary ýörite gabyna salyp goýmagy unutmaň. Zatlary esasan ýüň ýüpden, ýüň garyşyk ýüpden, ýüpek ýüpden, pagta ýüpden, towşanyň we geçiniň tüýünden egirilen hem-de çig ýüplerden dokamak mümkin. Egin-eşikler boş çüýredilen ýüpden, saçak, salfetka, ýaka, sumka, ýapynja ýaly zatlary bolsa pugtalanan ýüpden dokalýar.

### Keýäniň kömeginde dokamak

Zat dokamak üçin iki tarapy hem uçly bolan göni keýeler we halka şekilli egilen diametri her hili bolan keýelerden peýdalanylýar. Keýede dokamak üçin esasan ýüň ýüp ulanylýar.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Keýe – dokamak üçin ulanyl-ýan esbap (spisa).

**Keýede dokamagy ýerine ýetirmegiň tertibi:**











Ýüpi suratda görkezilişi ýaly tutmaly. Halka dokamak üçin bir-bada iki keýe alynýar.

Olary jübütleşdirip tutup, ujuny ýüpüň aşagyna girizip süýem barmagyň üstünde duran ýüpi ildirip almak we baş barmakdaky halka arkaly çekip çykarmaly. Soňra baş barmagy halkadan aýyrmaly, ýüpi çekmeli.

Nobatdaky halkalar dokalanda şu hereket yzygider gaýtalanýar. Netijede, dokalýan zadyň ilkinji hatary emele gelýär.

Ilkinji hatary dokap bolandan soň, işi dowam etdirmek üçin bir keýäni ýuwaşjadan sogrup alýarys.

Dokalan hatarymyz ikinji keýede galýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Sag we ters ildirmeleri dokamak







Sag we ters ildirmeler keýede dokamagyň esasy elementleri hasaplanýar. Sag ildirme polotnonyň arka tarapynda ters ildirme bolup, ters ildirme bolsa sag bolup görünýär. Sag ildirmeleri dokamakda ýüp hemişe işiň arka tarapynda ýerleşýär. Sag keýäni özüňize görä çepden saga – çep keýedäki ildirmä girizip, ýüpi çekip alýarys. Netijede sag keýede täze ildirme emele gelýär. Çep keýede galan ildirmäni düşürip goýberýäris.

Şu usuldan peýdalanyp, suratda görkezilişine garap, özüňiz üçin şarf dokap görüň.











*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ILDIRGIÇDE DOKAMAK



Ildirgiç gadymy dokma esbaplaryndan biri hasaplanýar. Ildirgiç bilen dokamak oz-aldan ösüp gelýän el hünärlerinden biridir. Häzirki günde hem şu el hünäri bilen köp aýallarymyz meşgullanýarlar. Ildirgiçler metaldan, agaçdan ýa-da plastmassadan taýýarlanýar. Olar uzynlygyna we galyňlygyna garap her hili bolýar. Köplenç metaldan we plastmassadan ýa-da tutawajy agaçdan taýýarlanan ildirgiçden galyň, ýumşak we maýyşgak ýüplerden zatlary dokamakda peýdalanylýar.

Ildirgiçleriň görnüşleri köp. Ildirgiçleriň iň gowusy süňkden ýasalan ildirgiçler. Olar pugta we ýylmanak bolýar. Galyň ýüpler we matalar üçin agaçdan ýasalan ildirgiçler ulanylýar. Ýüpek tor dokalanda peýdalanylýan inçe ýüpler üçin polatdan ýasalan ildirgiçler ulanylýar.

## Ildirgiçde dokamagyň usullary

Ildirgiç sag eliňizde, ýüp bolsa çep eliňizde bolsun. Ildirgiji ruçkany ýa-da galamy tutuşyňyz ýaly tutuň. Ildirgijiň ujy ýokary hem, pese-de däl-de, özüňize gönükdirilen bolmaly. Ýüpi bolsa suratda görkezilişi ýaly süýem barmagyňyza ildirip, uly barmagyňyz bilen kelte boguny, gapdal barmagyňyz bilen bolsa ýüpi tutup duruň. Ildirgiji sag el bilen, ýüpi bolsa çep eliň baş we orta barmaklary bilen tutuň. Soňra ýüpi ildirgiç bilen ildirip alyp syrt-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

mak emele getirmek üçin ildirgiji aýlaň. Ýüp ildirgiji orap halka emele getirýär.





## Howa halkasyny dokamak

Esasy halkamyzy uly barmagymyz bilen basyp durup, ýüpi ildirip alsak, howa halkasy emele gelýär. Soň ýene ildirgiji süýem barmagyňyzyň aşagyndaky ýüpe dykyp, bu ýüpi ildirip alyp, ony ildirgiçdäki halkanyň içinden çekip çykaryň.



Bu ildirgijiň kömeginde dokamagyň esasy hereketleri hasaplanýar. Işlän mahalyňyzda ýüpüň uzyn bölegini kiçi barmagyňyz bilen tutup durmagy unutmaň. Başlangyç halkany ýüpüň kelte tarapyndan çekip berkidip goýmak mümkin.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Işi stola goýuň (1). Ildirgijiň kömeginde ýüpi ahyrky halkadan çykaryp alyň (2).

Dokalýan zadyň iki ujundaky ýüpleri gaýçynyň kömeginde gyrkyň (3).




Zynjyr şekilli görnüşde dokap alyň (1). Zynjyr şekilli şekiliň deşigine ildirgiji dykyň (2). Ildirgiç bilen ýüpi ildirip alyň (3). Ýüpi zynjyryň we ildirgijiň üstünden çekiň (4,5). Netijede, ýarym sütün emele gelýär.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ZYNJYR TIKININDEN KOMPOZISIÝA ÝASAMAK

Öz elleriňiz bilen dokan zynjyr şekilli ýüplerden peýdalanyp, applikasiýa usulynda dürlüçe nagyşlary emele getiriň.





Dokamak üçin nähili esbaplar gerek bolýar? Nähili ýüp görnüşlerinden peýdalanýarys? Nähili zatlary dokamak mümkin?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Özüňiz özbaşdak ýasaň.









*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÝUMURTGA GABYGYNDAN MOZAIKA USULYNDA KOMPOZISIÝA TAÝÝARLAMAK

Ýumurtga gabygyny eneňiz bilen taýýarlap alyň. Kompozisiýa düzmek üçin diňe çig ýumurtga gabygyndan peýdalanyň. Munuň üçin ýumurtga gabygyny suwa salyp goýuň. Suwa bir çemçe duz we soda salyň. Şonda ýumurtga gabygynyň daşynyň alynmagy aňsat bolýar.





Karton kagyza suratyň teswirini düşürip alýarys.

1



Ýumurtga gabygyny gerekli reňkler bilen reňkleýäris. Soňra guratmaga goýýarys. Gurandan soň ony maýdalaýarys we kartona çekilen surata ýapyşdyrýarys. Ýapyşdyranda çet tarapyndan başlamaly.

2



3





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

4 

5 







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# DÖREDIJILIKLI, ÖZBAŞDAK IŞLEMEK ÜÇIN TEMALAR

## Almanyň şekilini ýasamak

Alma ýasamak üçin size: gazet, ýelim, çotga, alma, ýag ýa-da wazelin gerek bolýar.

Alma ýag çalyp, soň öl kagyz böleklerinden birnäçe gat edip ýapyşdyryp çykyň.

 

 

 



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Emele gelen şekile ýelim çalyp, ak kagyz ýapyşdyryň. Soňra gazet böleklerini ýelimläň. Şuny 3 gezek gaýtalap ýerine ýetiriň.





Ýapyşdyryp bolanyňyzdan soň şekili pyçak bilen deň ikä bölüň we almany bölüp alyň. Almanyň şekiliniň böleklerini ýelim bilen bir-birine ýapyşdyryň.





Üstünden guaş boýagy bilen reňk beriň.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GYŞ PEÝZAŽYNY SURATLANDYRMAK

Gyş peýzažyny synlaň. Gyşda tebigatda nähili özgerişler bolýandygyny suratlandyrmaga çalyşyň. Peýzažy suratlandyrmak üçin iki hili reňkli kagyzdan esas taýýarlamagy we agaçlary iki epläp gyrkmalydygyny unutmaň.

Peýzažy applikasiýa usulynda ýasamagyň yzygiderligini galam bilen sanlary ýazmak arkaly bellik ediň.

a) gyrkyň;
b) bölekleri bellik ediň;
ç) ýapyşdyryň;
d) böleklere ýelim çalyň.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE









*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Göwrümli applikasiýa usulyndan peýdalanyp peýzaž ýasamak

Kwadrat şeklindäki kagyzy diagonal çyzyklary boýunça epleseňiz, göwrümli (üç ölçegli)arçanyň bir ýapragy alynýar. Şeýle ýaprakdan her hili ululykda birnäçe ýasap alyň we bir-biriniň üstüne ýerleşdirip çykyň.



Towşan ýasamak üçin bolsa üçburçluk kagyz alyň. Uçly tarapyny azajyk gyrkyň we bir bölegini epläň. Üçburçlugyň giň tarapyny garmona meňzedip (gat-gat edip) epläň we ony esasa ýapyşdyryň.








*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

## APPLIKASIÝA USULYNDA BAHAR PEÝZAŽYNY ÝASAMAK

Size: reňkli kagyz, ýelim, çotga, gaýçy gerek bolýar.

Bahar peýzažyny applikasiýa usulynda ýasamak üçin ülňi esasynda gerekli şekilleri gyrkyp alyň. Suratda görkezilişi ýaly ýelim bilen ýapyşdyryň.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Özüňiz ýasajak boluň







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GUTLAG HATY TAÝÝARLAMAK

Dostlaryňyzy baýram bilen gutlamak üçin gutlag haty ýasaň.

Surata üns bilen garaň. Gutlag hatynyň esasy bölegini nähili taýýarlamak mümkin?



Gülüň ýapragyny we ýaprak taýýarlamak üçin nähili şekildäki kagyz alynýar? Kagyza galam bilen nähili şekil çyzyp alýarsyňyz?



Gülüň ýapraklary suratda nähili ýerleşendigini gözden geçiriň we gutlag hatyna ýerleşdiriň.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BAÝRAMA GUTLAG HATY TAÝÝARLAMAK

Gönüburçluk şeklindäki kagyzda gutlag hatynyň esasy bölegini taýýarlap alyň.

Öňki synplarda gülüň taýýarlanyşyny ýada salyň we gül taýýarlaň.




Gülüň ýapraklaryny suratdaky ýaly epläp çykyň we bir-biriniň üstüne goýup ýapyşdyryň.

Ýapragy we güldany kagyzy iki epläp, ülňi esasynda belgiläp alyň we gyrkyň.




Gutlag haty taýýarlanda birinji nobatda haýsy şekili ýapyşdyrmakdan başlaýarsyňyz? Şekilleri ýapyşdyranda yzygiderlige amal ediň.



**Ýumuş:** Suratda berlen güllerden peýdalanyp, ýene nähili gutlag hatlaryny taýýarlamak mümkin? Pikirleniň we ýasap görüň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÖZÜŇIZ GUTLAG HATY ÝASAJAK BOLUŇ

Gutlag hatynyň nähili ýasalyşyny ýada salyň we dostlaryňyz bilen bilelikde ýasajak boluň.



Nähili şekildäki kagyz alynýar we ol näçe gezek eplenýär? Nähili eplenýär?



Emele gelen gül şekilinden göwrümli gül şekilini emele getiriň. Gülleri suratda bellenilen belgiler esasynda bir-birine ýapyşdyryň.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE



# BAÝRAM GUTLAG HATY

Gutlag haty ýasamak üçin ilki onuň esasyny taýýarlap alyň. Iki hili ölçegdäki gönüburçluk kagyzy iki epläň, oňa galam bilen suratdaky çyzgyny çyzyň. Soňra çyzgy boýunça gyrkyň we taýýar şekilleri ýapyşdyryň.













*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# HATYRA WE HORMATLAMA GÜNÜNE GUTLAG HATY ÝASAMAK

Öňki derslerde özleşdiren bilimleriňiz esasynda Hatyra we hormatlama gününe bagyşlap gutlag haty ýasaň.

| | |
|---|---|
|  | Gerekli esbaplary taýýarlap alyň. Kwadrat şeklindäki kagyzy gyrkyp taýýarlaň. |
|  | Kwadrat şeklindäki kagyzy suratdaky ýaly galama dolaň. |
|  | Dolagy orta garap ýygyň. Şeýle ýaprakdan 5 sany taýýarlaň. |
|   | 5 sany ýapragy bilelikde töwerek edip ýygyň we ýüp bilen daňyň. |
|  | Şeýle güller emele gelmeli. |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | |
|---|---|
|  | Güldana gazet ýa-da gerekmejek kagyzy ýerleşdiriň. |
|   | Kagyza ýelim çalyp, oňa güli ýapyşdyryň. Guraýança garaşyň. |





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## SEBET WE GÜLLER ÝASAMAK

Gülüň şekilini ýasamak nähili tertip esasynda amala aşyrylýar? Ýada salyň we surata garap ýerine ýetiriň.

Iki tarapy birmeňzeş reňkdäki kagyza ülňiniň köme-ginde gülüň şekilini çyzyň. Gülleriň sany köp bolar ýaly kagyzy gat-gat edip epläň.



Eplenen gül şekilini emaý bilen gyrkyň. Togalak şekiller ýasap, gülleriň ortasyna ýapyşdyryň.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gönüburçluk kagyzy alyp, deň iki epläň. Eplenen tarapyndan 2 sm galdyryp, birmeňzeş gyrkyp çykyň.

  

Soňra gyrkylmadyk tarapyny dolaň we gyrasyny ýelim bilen ýapyşdyryň. Olaryň arasyny açyň.

   

Indi şahalara gülleri ýelimläp çykyň. Ynha, sebet-däki güller taýýar!





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# ÇEMEN ÝASAMAK

Çemen ýasamak üçin kagyzy eplemek ýoly bilen zatlar ýasamagy ýada salyň. Amallaryň basgançaklaýyn ýasalyşyna üns beriň we ýasaň.


1


2


3


4


5


6


7


8


9


10


11


12







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# KAGYZDAN KEPDERI ÝASAMAK

Kwadrat şeklindäki kagyzy alyň. Onuň garşylykly uçlaryny birleşdiriň we üçburçluk emele getiriň.

Üçburçlugyň aşaky uçlaryny ýokary tarapdaky uçlaryna birleşdiriň we arka tarapa öwrüň.

Gapdal tarapdaky uçlary orta çyzyga garap birleşdiriň we aşaky tarapdan arasyny açyň.

Suratda görkezilişi ýaly epläp, yz galdyryň.

Galdyrylan yzlary içine eplemek arkaly kepderiniň guýrugyny we kelle bölegini emele getiriň.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kagyzy eplemek kadalaryna amal edip, akguş ýasamaga çalyşyň.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# KAGYZDAN HORAZ ÝASAMAK

Kwadrat kagyzy alyň. Onuň aşaky ujuny ortasyna garap epläň.

Kwadrat kagyzyň ýokary tarapyndaky ujuny ortasyna garap epläň. Soňky epini suratda görkezilişi ýaly amala aşyryň.

Emele gelen şekili iki epläň, soňra suratda çyzylan çyzyklar boýunça yz galdyryp epläň. Eplenen yzyňyz boýunça arasyny açyp ýerleşdirseňiz, horazyň kelle bölegi alynýar. Guýruk bölegini hem şu usulda ýasaň.


1


2


3


4


5


6


7


8


9





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## GUŞUŇ ÇAGASYNY DOKAMAK

Serçäniň çagasyny dokamak üçin işi howa halkasyny emele getirmekden başlaň. 10–12 sany ilme dokaň (1). Ýarym sütün dokaň (2–3). Zynjyrdan halka emele geldi. Ýene 10 sany ilme dokaň (4). Birinji halkanyň gapdalyna ikinji ýarym sütüni dokaň (5–6). Iki halka emele geldi. Şeýdip dokamagy dowam etdiriň. Howa halkasyndan togalak şekiller alynýar. Iki monjugy tikiň (bu serçe çagasynyň gözjagazlary bolýar). Reňkli kagyzdan çüňküni we penjelerini gyrkyp ýapyşdyryň.








*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## TEHNOLOGIÝA DERSINE DEGIŞLI ADALGALARYŇ DÜŞÜNDIRIŞI

**Karton** – ýörite işlenen galyň we gaty kagyz.

**Mulina** – keşde tikmek üçin ulanylýan reňkli ýüp.

**Penoplast** – plastmassanyň ýeňil köpük şekilli görnüşi. Esasan ak reňkde bolýar.

**Materiallar** – käbir maksat üçin gerekli çig mal, madda. Ýasamakda ulanylýan esasy materiallar: kagyz, mata, agaç, plastmassa, metall we ş.m.

**Ölçemek** – ölçeg esbabynyň kömeginde zadyň uzynlygyny, ölçegini belgilemek. Zatlary ölçände, esasan, onuň beýikligi, ini we uzynlygy hasaba alynýar we uzynlyk birliklerinden (santimetr, millimetr) peýdalanylýar.

**Birleşdirmek** – zadyň böleklerini bir-birine ýapyşdyrmak.

**Şekil** – zadyň üstki görnüşi. Zatlar göwrümli we tekiz görnüşde bolýar. Olaryň görnüşi gönüburçluk, şar şekilli, göni we egri şekilde bolmagy mümkin.

**Origami** – kagyzy eplemek ýoly bilen şekil ýasamak usuly.

**Keýe (spisa)** – dokamak üçin ulanylýan esbap.

**Papýe-maşe** – kagyzy parçalap ýapyşdyrmak ýoly bilen zat-zatlary ýasamagyň usuly.

**Kwilling** – uzyn we insiz kagyzy işmek usulynda gelşikli we nepis zatlary ýasamagyň usuly.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAZMUNY

GIRIŞ....3
KAGYZY EPLEMEGIŇ USULLARY....10
GÜJÜK ÝASAMAK....12
KAGYZDAN ÇAPYŞYK AWTOMOBILIŇ MODELINI ÝASAMAK....14
TEBIGY MATERIALLARDAN APPLIKASIÝA USULYNDA GÜL ÝASAMAK....16
GÜL ÝASAMAK....19
GÜÝZKI ÝAPRAKLARDAN GÜL ÝASAMAK....20
AŞHANA ENJAMLARY BILEN TANYŞMA WE ÝASAMAK....21
ÖÝ-HOJALYK ZATLARY BILEN TANYŞMA WE ÝASAMAK....23
AŞPEZLIKDE TAÝÝARLANÝAN HAMYR GÖRNÜŞLERI....29
KAGYZDAN BÖREK ÝASAMAK....31
KAGYZDAN PAPÝE-MAŞE USULYNDA ZATLAR ÝASAMAK....32
SAMANDAN GÖWRÜMLI OÝUNJAKLAR ÝASAMAK....35
SAMANDAN APPLIKASIÝA USULYNDA PEÝZAŽ TAÝÝARLAMAK....40
SUWDA HEREKETLENÝÄN TRANSPORT ÝASAMAK (KATAMARAN)....42
GYZYL ÝELKENLI GÄMI ÝASAMAK....44
UÇÝAN MODELLERI ÝASAMAK....45
POLIMER MATERIALLARDAN OÝUNJAK ÝASAMAK....47
AÝAZBABA USSAHANASYNDA ARÇA BEZEGINI ÝASAMAK....48
ARÇANY BEZEMEK ÜÇIN MERJEN ÝASAMAK....49
ŞAR ŞEKLINDÄKI ARÇA OÝNAWAJYNY ÝASAMAK....50
KAGYZDAN ARÇA ÝASAMAK....51
GUTLAG HATY ÝASAMAK....52
ERTEKI GAHRYMANLARYNY ÝASAMAK....53



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

PLASTILINDEN SEBET GÖTEREN TILKINI ÝASAMAK....................56
ÝÜPDEN OÝUNJAK ÝASAMAK....................57
ÝÜPDEN SEKIZAÝAK ÝASAMAK....................58
MATADAN ÝUMŞAK OÝUNJAK TIKMEK....................60
BEZEGLI OÝUNJAK ÝASSYK TIKMEK....................62
OÝUNJAK TIKMEK....................63
ÝÜK MAŞYNYNYŇ MODELINI ÝASAMAK....................64
AWTOMOBILIŇ MODELINI ÝASAMAK....................65
8-NJI MART BAÝRAMYNA GUTLAG HATY....................66
BAÝRAM GUTLAG HATYNY ÝASAMAK....................68
NOWRUZ BAÝRAMYNA GUTLAG HATY ÝASAMAK....................70
“GÜLZAR” PEÝZAŽYNY KWILLING USULYNDA IŞLEMEK....................72
TIKINÇILIK....................73
MATADAN ZATLAR TIKMEK....................74
MATADAN GÜL PANNOSYNY ÝASAMAK....................76
DOKAMAK BARADA MAGLUMAT....................78
ILDIRGIÇDE DOKAMAK....................81
ZYNJYR TIKININDEN KOMPOZISIÝA ÝASAMAK....................84
ÝUMURTGA GABYGYNDAN MOZAIKA USULYNDA
KOMPOZISIÝA TAÝÝARLAMAK....................86
DÖREDIJILIKLI, ÖZBAŞDAK IŞLEMEK ÜÇIN TEMALAR....................88
ZÄHMET DERSINE DEGIŞ ADALGALARYŇ DÜŞÜNDIRIŞI....................108



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*O‘quv nashri*

Mannopova Ilgizar Axmadovna
Mavlonova Rahima Abdurazzakovna
Ibragimova Nazokat Ravshanxonovna

# TEXNOLOGIYA

**4-sinf uchun darslik**

**(Turkman tilida)**

Qayta ishlangan va to‘ldirilgan
ikkinchi nashri

«O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi»
Davlat ilmiy nashriyoti
Toshkent – 2017

| | |
|---|---|
| Redaksiýa müdiri | Anwar Zulfikorow |
| Terjime eden | Kamiljan Hallyýew |
| Redaktor | Jumanazar Metýakubow |
| Dizaýner | Askar Ýakubjanow |
| Hudožnik | Jahangir Badalow |
| Suratçy | Adham Sulaýmanow |
| Tehredaktor | Umid Sapaýew |
| Sahaplaýjy | Şahboz Sirojiddinow |

Neşirýat lisenziýasy AI № 160, 14.08.2009.
Çap etmäge 2017-nji ýylyň 28-nji iyunu rugsat edildi. Möçberi 70 × 90 $^{1}/_{16}$.
Kegli 18. Ofset usulynda çap edildi. Şertli çap listi 8,19. Neşir hasap listi 7,00.
990 nusgada çap edildi. 17-237-sanly buýurma.

«O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi» Döwlet ylmy neşirýaty,
Daşkent–100011, Nowaýy köçesi, 30.

Özbegistanyň Metbugat we habar agentliginiň «O‘zbekiston» neşirýat-çaphana
dörediјlik öýünde çap edildi. Daşkent — 100011, Nowaýy köçesi, 30.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| T/n | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |

**Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagatlanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagatlanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE